**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2020-nji ýylyň 06 -njy awgustyndaky № 37 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1 - subsidiýa «Döwlet býujetiniň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň serişdeleriniň hasabyna ilata berilýän subsidiýalar barada hasabat» (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№1-subsidiýa hasabaty degişli pudaklaryň býujetleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän, bellenilen sanawy boýunça ilaty subsidiýalaşdyrylan harytlar we hyzmatlar bilen üpjün edýän ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tabşyrýarlar.

Subsidiýalaşdyrylýan harytlaryň we hyzmatlaryň sanyna: gurluşyk materiallary, umumy peýdalanyşdaky ulag hyzmatlary (awtomobil, howa we demir ýol ulaglaryň) şeýle hem aragatnaşyk hyzmatlary girýär.

Formanyň bölümlerini ilata berilýän subsidiýalaryň görnüşlerine baglylykda doldurýarlar:

**1 Bölüm** - Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi,
**2 Bölüm** - "Türkmenistan"awiýakompaniýasy açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti,
"Demirýollary"açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti,
"Türkmenawtoulaglary" agentligi,
**3 Bölüm** - "Türkmenaragatnaşyk" agentligi,
"Aşgabat şäher telefon ulgamy" ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti.

Subsidiýalaşdyrylýan harytlaryň we hyzmatlaryň sanawyna gaýtadan seredilen ýa-da ýatyrylan ýagdaýynda №1-subsidiýa forma üýtgeşmeler giriziler.

№1-subsidiýa formanyň A sütüninde görkezijileriň atlary, B sütünde setiriň tertip belgisi, 1 sütünde ölçeg birligine laýyklykda görkezijiler boýunça hakyky maglumatlar görkezilýär.

Subsidiýalaşdyrylýan harytlaryň we hyzmatlaryň anyk görnüşleri boýunça möçberi kesgitlenilende aşakdakylardan ugur almaly:

**1 Bölüm «Gurluşyk materiallary üçin subsidiýalar»** gurluşyk materiallary - kerpiç üçin subsidiýanyň möçberi barada maglumatlary öz içine alýar.

01 setirinde ýylda natural görnüşde kerpijiň öndürilişiniň umumy möçberi görkezilýär.

02 setirinde öndürilen kerpijiň bahasy görkezilýär.

03 setirinde 1000 sany şertli kerpijiň ortaça nyrhy görkezilýär.

04 setirinde ýeňillikli nyrhy boýunça ilata goýberilen kerpijiň sany görkezilýär.

05 setirinde 1000 sany şertli kerpijiň döwlet (düzgünleşdirilýän) nyrhy görkezilýär.

06 setirinde özüne düşýän gymmaty boýunça 1000 sany şertli kerpijiň döwlet (düzgünleşdirilýän) nyrhy görkezilýär.

07 setirinde subsidiýanyň kerpijiň özüne düşýän gymmaty boýunça (06 setir) nyrhy bilen döwlet (düzgünleşdirilýän) nyrhynyň arasyndaky tapawudyndan ybarat bolan (05 setir) we ýeňillikli nyrhlar boýunça ilata satylan materiallaryň (04 setir) möçberine köpeldilen umumy möçberi görkezilýär.

**2 Bölüm «Umumy peýdalanyşdaky ulag hyzmatlary üçin subsidiýalar (awtomobil, howa we demir ýol ulaglary»** ulag hyzmatlaryna subsidiýalaryň möçberi barada maglumatlar görkezilýär. Awtomobil ulagynda ýolagçylary şäher içinde awtobus gatnawynda we demir ýol ulagynda ýurt içinde gatnamak boýunça hyzmatlary göz öňünde tutulýar.

01 setirde ýylda gatnadylan ýolagçylaryň sany görkezilýär.

02 setirde 1 ýolagçy gatnawyň ortaça nyrhy görkezilýär.

03 setirde ýolagçylary gatnatmakdan gelýän girdejiler görkezilýär. Awtomobil ulagy boýunça girdejiler ýolagçylary gatnatmakdan gelýän serişdeleriň umumy möçberinden ybarat. Demir ýol we howa ýol ulagy boýunça bu setire ýolagçynyň ugraýan başlangyç nokadyndan ýolagçynyň barmaly nokadynyň soňuna çenli (ýolagçynyň düşüp-münen nokadyna çenli däl) satylan ýolagçy petekleriniň umumy gymmaty goşulýar.

04 setirde özüne düşýän gymmaty boýunça 1 ýolagçy gatnawyň bahasy görkezilýär.

05 setirde özüne düşýän gymmaty doly görkezilýän ýolagçy gatnatmakdan çykdajylar görkezilýär.

06 setirde hasabat döwründe gatnadylan ýolagçylaryň sany hökmünde hasaplanan, 1 gatnawyň özüne düşýän gymmaty bilen ortaça gymmatynyň arasyndaky tapawuda köpeldilen umumy möçberi görkezilýär, ýa-da ýolagçy gatnatmakdan girdejileriň we çykdajylaryň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär (03 setir-05 setir).

**3 Bölüm «Aragatnaşyk hyzmatlary üçin subsidiýalar»** aragatnaşyk hyzmatlaryna subsidiýalaryň möçberi barada maglumatlary görkezýär.

01 setirde ýylda abonentleriň sany görkezilýär.

02 setirde bir aýda telefon üçin abonent tölegi görkezilýär.

03 setirde özüne düşýän gymmaty boýunça bir aýda telefon üçin abonent tölegi görkezilýär.

04 setirde aragatnaşyk hyzmatlaryndan peýdalanylýan abonentleriň sany hökmünde hasaplanan, özüne düşýän gymmaty boýunça abonent tölegi bilen hakyky abonent töleginiň arasyndaky tapawuda köpeldilen subsidiýalaryň umumy möçberi görkezilýär.

**Öý hojalyklarynyň statistikasy**
**we seljerişi müdirligi**